# Kuran we Sünnet saýasynda,ylym öwrenmekligiñ ähmiýeti.(2)

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

## Ylym barada sahabalaryñ sözleri:

Omar ibnul Hattabyñ (radiallahu anh) ylym barada aýdan sözleri:

**“Ylym alyñ, ylymy başgalarynada öwrediñ. Ylym (öwrenmek) üçin agraslygy .....öwreniñ. Ylym alýan adamlaryñyza we ylym öwredýän kişileriñize garşy pes-päl boluñ.”** [16]

Omaryñ sözünde Mollymyñ we okuwçynyñ edebinede üns çekilendir. Ol hem pes-pällikdir.

**“Bir kişi daglar ýaly günäleri bilen öýünden çykar. Ylym mejlisinde aýdylanlary eşidende bolsa, gorkar we günälerine toba eder. Alymlaryñ mejlisinden aýrylmañ. Çünki ýer ýüzünde Allah Tagala alymlaryñ mejlisinden başga, has ähmiýet-deger berýän ýeri ýaradan däldir.”**[17]

Osman (radiallahu anh): **“Kuran-Kerime seredip bilmejegim, bir günüñ bolmagy islemeýärin.”** [18] diýýär.

Biziñ görelde almaly sahabalarymyz Kuran-Kerim okap bilmejegi bir günüñ bolmagyny islemeýärdiler. Biz her gün Kuran-Kerim okaýarysmy? Günde näçe gezek? Hepde-de näçe gezek? Öýümizde Kuran-Kerim barmy?

Ali bin Abu Talibiñ (radiallahu anh) ylym barada aýdan sözleri:

**“...Ylymsyz ybadatda haýyr ýokdur. Düşünmeden öwrenilen ylymda we okalan (kitapda) peýda ýokdur.”** [19]

Ali (radiallahu anh) dosty Kumeýl bin Zeýdiñ elinden tutyp bir gyrada otyryp Oña uzyn nesihat edýär we şol nesihatyñ içinde şu sözleri diýýär:

**“Ynsanlar üç topardyr:**

**Robbini bilen alym,**

**Halas boluş ýolunda ylym öwrenen,**

**Bu iki topardan galany hapa üýşen siñekler ýalydyr, her eşiden zadyny bilmeden eýeren, her ýola girip giden kişilerdir. Olar ne ylym nury bilen nurlanandyrlar, ne-de bir güýçli gollawa daýanandyrlar.”**

Nesihatynyñ başga ýerinde şeýle diýýär:

**“Alymlar dünýä durdugyça ýaşarlar. Özleri ýok bolup gidendirler. Emma hatyralary, goýan ylymlary ýüreklerdedir.”** [20]

**“Ylym öwreniñ, ol ylym bilen tanalarsyñyz. Öwrenen ylmyñyza amal ediñ, ylym ähli-alym bolarsyñyz. Şeýle bir döwür geljek, şol wagt ynsanlaryñ onda-dokuzy haky inkär ederler we ady eşdilmeýänler, tanalmaýanlar halas bolar. Olar dogry ýoluñ baş tutanlary we ylymyñ çyralarydyr.”** [21]

**“Biri-biriñizi zyýarat ediñ, ylyma degişli dersler ediñ. Eger buny etmeseñiz, ylymyñyz ýok bolar.”** [22]

Uly sahabalardan Muaz bin Jebel (radiallahu anh) ylym barada şeýle diýýär:

**“Ylym öwreniñ. Çünki ylymy Allah üçin öwrenmek haşýeti (gorkyny) artdyrar. Ylym öwrenmek ybadatdyr. Ylym öwrenmek tesbih ýalydyr. Ylymyñ yzyndan ylgamak jihatdyr. Bilmeýäne ylym öwretmek sadakadyr. ”**

Başga ýerde şeýle diýýär:

“**Ylym darlykda we giñlikde ýol görkezijidir. Duşmana garşy ýaragdyr. Dostlaryñ ýanynda bezegdir. Allah Tagala milletleri ylym bilen beýgelder. Olary haýyr işlerde baş tutan we ýolbaşçy eder. Olaryñ eserlerinden alarlar, olaryñ hereketlerini görelde edinerler, alymlara ýüz tutarlar. Hatda perişdeler olara görüplik eder we ganatlary bilen gurşap alarlar. Ähli janly-jansyz zatlar suwdaky balyklar, gökdäki guşlar, gury we ter ähli zatlar olar üçin istigfar eder.”** [23]

Elbetde imany bar kişiniñ janly-jandaryñ ylym öwrenýän kişi üçin, Allah Tagaladan bagyşlanma dileýänine şübhesi ýokdur.

Kuran-Kerimde Allah Tagala şeýle diýýär: **“Asmanlardakylaryñ we ýerdäkileriñ, gün, aý, ýyldyzlar, daglar, agaçlar, janly-jandarlaryñ we ynsanlaryñ köpüsiniñ Allaha sežde edýänini görmeýärsiñmi?”** [24]

Ähli janly-jansyz mahlukatlar, Alla Tagala gulluk edýändirler!

Alym sahaba Abdullah bin Mesud (radiallah anh) ylym barada şeýle diýdi:

“**Hiç kim alym bolup dünýä gelmez. Ylym öwrenmek bilen bolar”** [25]

## Ylym öwrenmek barada selef-salyhynyñ sözleri.

1-Ymam Ahmed (rahimehullah): **“Ynsnalar iýmek-içmekden beter ylyma mätäçdirler. Çünki gün içinde iýmek-içmege bir-iki gezek mätäçlik çekilýän bolsa, ylyma her salym mätäçdirler.”** [26]

2-Raşdi halyfalardan Omar bin Abdulaziz (rahimehullah) şeýle diýýär: **“Ylymsyz amal edýän kişiniñ, düzeden zadyndan, bozan zady köp bolar.”** [27]

3-Tawus bin Keýsan (rahimehullah): **“Şu dört kişä sylag-hormat etmek sünnetdir: Alym, ýaşuly, döwlet ýolbaşçysy we ata.”** [28]

## Ylym ögrenmek üçin sapar etmek.

Ylym öwrenmek üçin ýola çykmak, selefiñ içinde adat bolup gelendir.

Kuran-Kerimde kyýamada çenli bize ybrat bolup duran, ylym üçin ýola çykmak wakasy. Musa bilen Hydyryñ kyssasydyr.

1- Jabir bin Abdullah (radiallahu anh):

Jabir bin Abdullah (radiallahu anh), Abdullah bin Uneýstden ýekeje hadys diñlemek üçin Şama bir aýlap dowam eden ýolagçylyga çykýar. Öwrenmäge giden hadysy şudur: **“Ynsanlar kyýamat güni aýak ýalañaç, eşiksiz we sünnetsiz haşyr edilerler.”** [29]

2-Ebu Eýýub el-Ensari (radiallahu anh):

Ebu Eýýub el-ensari ýekeje hadysy öwrenmek üçin Medineden Müsüre Ukbe bin Amiriñ ýanyna ýola çykýar. Bu hadys şudur: **“Kim bir musulmanyñ aýybyny örtse Allah Tagalada kyýamat güni onuñ aýybyny örter.”** [30] Ebu Eýýub Müsüre gelip hadysy diñläp derrew Medinä yzyna gaýdýar.

3-Busur bin Ubeýdilläh:

Şeýle diýýär: **“(Kasam edýärin) eger gerek bolsa, bir hadysy diñlemek üçin haýsy ýurda gitmeli bolsada giderdim.”**

4-Ebul-Aliýa şeýle diýýär: **“Sahabalardan rowaýat edilen hadysy diñlärdik. Soñra ýola çykyp şol hadysy özleriniñ ýanyna gidip diñleýänçäk içimiz rahatlamazdy.”** Ýagny isnadyñ ali-ulu bolmagy niýetlenýär.

## Ylym öwrenmek üçin ähli-sünnet alymlaryñ sarp eden gaýraty.

Selef alymlaryna seredenimizde ylym almak üçin eden gaýratlary, ömrüni we ähli wagtyny ylym almaga berişleri haýran galdyrýar.

-Ebu Zura şeýle diýýär: **Ahmed bin Hanbel bir milýon hadysy ýatdan bilýärdi.**[31]

Biz näçe hadys bilýäris. 1000? 100? 40?

-Suleyman bin Şube şeýle diýýär: **Ýanynda hiç hili kitapsyz Ebu Dawud-dan 40.000 hadys ýazdylar.**

-Ebu Zura er-Razi şeýle diýýär: **Ynsanlaryñ Kulhuwallahu ahad-y suw içen ýaly bilişleri ýaly, Men hem 200.000 hadys bilýärin. Gaýtalasam 300.000 hadysy ýatdan bilýärin.**[32]

-Ibn Ebi'd-Dünýä müñ eser ýazýar.

-El-Müsdetrekiñ ýazyjysy Hakim müñden köp jüzden ybarat bolan eser ýazýar.

-Ibn Asakir Taryh atly kitabyny 80-jilit edip ýazýar.

-Muhammed bin Ishak 1700 ustazdan ders alýar. Ýigrimi ýaşyndaka ylym öwrenmek üçin ýola çykýar we 65 ýaşynda gaýdyp gelýär.

-Ymam Buhari ylym almak üçin ençeme ýurda gidýär. 1000-den gowrak şeýhden ders alýar.Ýatyrka ukydan oýanyp çyrany ýakyp ýadyna düşen bir peýdany ýazar eken, soñra ýatyp ýene turar eken. Hatda käwagt bir gije içinde 20-gezek ukydan oýanar eken.

-Ibn Teýmiýýe barada bolsa, okywçysy Zehebi: Ony tanatmaga gerek bolmajak derejede meşhur-diýýär.

-Ibn Ukaýl (rahimehullah) el-Funun atly eserini 800 jilit edip ýazýar. We 20 jilitlik kiçijek kitaby barmyş.

-Ibn Ukaýl el-Warrak şeýle diýýär: Ebu Jafer et-Taberi ashabyna we talyplaryna: Kuran tefsiri geşjek bolýañyzmy-diýip, soraýar. Olar: Näçe sahypa bolar diýýärler. Ol : 300.000 warak diýýär. Buny ýazyp gutarýanjak ömürümiz gutarar diýenlerinde: 3000 sahypa gysgaldýar. Okuwçylaryna: Adem aleýhis salamdan bü güne çenli taryhy ýazalymy? Diýip soranda. Olar näçe sahypa bolar diýip sorasalar: Tefsirde aýdanyna ýakyn san aýdýar we olaram şol bir jogaby berýärler. Taberi: innä lilläh...erjellik, tutan ýerlilik, yhlas we gaýrat ölüpdir, diýip taryhy hem tewsiri gysgaldyşy ýaly gysgaldýar.

**Ylym bilen baýlygyñ, mal-mülkiñ deñeşdirilmegi.**

Ibnul-Kaýýim (rahimehullah) ylym bilen baýlygy, mal-mülki deñeşdirýär we birnäçe tarapdan ylymy, baýlykdan üstün görýär:

-Ylym Pygamberleriñ mirasydyr. Baýlyk bolsa soltanlaryñ, baýlaryñ mirasydyr.

-Ylym eýesini goraýar emma baýlygy eýesi goramalydyr.

-Ylym başgalaryna bermek bilen, öwretmek bilen artar. Sadakadan başga, berlen baýlyk azalar.

-Ylym eýesi bilen gabyrda-da biledir. Mal-mülk bolsa, sadaki-jariden başga ýagdaýlarda eýesinden aýrylar.

-Ylym baýlyga höküm eder. Ylym höküm edendir, mal-mülk höküm edilendir.

-Baýlygy ýagşy-ýaman, musulman-kapyr gazanyp bilýändir. Emma peýdaly ylymy diñe mümin gazanyp biler.

-Alymlara soltanlar, adaty adamlarda mätäçdirler. Emma baý kişä diñe elinde baýlygy bolmaýan mätäçdir.

-Baý kişi garyp we mätäç ýagdaýa düşüp biler, emma ylym ýok bolmaz.

-Baýlyk ynsany dünýä gul eder, ylym bolsa Robbine gul bolmaga çagyrar.

-Ylym bilen gelen bagtlylyk hemişelikdir. Baýlyk bilen gelen bagtlylyk bolsa, geçijidir.

-Baý adam, mal-mülki bilen ynsanlary dünýä çagyrar. Alym bolsa, ylymy bilen ahyrýede çagyrar. [33]

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

16-Jamiu-Beýanil-Ilimi-we fadlih, 1/163.

17-es-Semerkandi, Tenbihul-Gafilin, sahypa-345.

18-Ymam Ahmed, ez-Zuhd, sahypa-159.

19-Tehzibu-Hilýetil-Ewliýa, 1/83. Syfatus-Safwe, 1/170. Darimi, no: 297.

20-Tehzibu-Hilýetil-Ewliýa, 1/85. Syfatus-Safwe, 1/172.

21-Ymam Ahmed, ez-Zuhd, sahypa-162.

22-Jamiu-Beýanil Ilimi-we fadlih, 1/121.

23-Tehzibu-Hilýetil-Ewliýa, 1/88.

24-Haj, 22/18.

25-el-Ykdu'l-Ferid, 2/73.

26- Ibnul-Kaýýim, Ilamul-Muwakkin 2/256.

27-Jamiu-Beýanil Ilimi-we fadlih, 1/127.

28-Bagawi, Şerhus-Sunne 13/43.

29-Muslim, 2859.

30-Sahyh Buhari, 2310, Muslim, 2580.

31-Syftus-Safe, 2/337.

32-Syfatus-Safwe, 4/88.

33-el-Ylmu Zaruretun Şeryýýetun, Prof. Dr. Nasyr el-Umer.

www.ahlusunnet.com